# MÄMMET SEÝIT

Aýlar aýlanyp, ýyllar geçýär. Adamzada ömür baky berilmedigem bolsa, onuň ýaşan döwründe galdyran çuňňur yzlaryny öçürmäge wagtam ejizlik edýär. Arada «Magaryf» neşirýatynyň baş redaktory. Rejepmyrat Durdyýewiň şahsy kitaphanasynda Mämmet Seýidowyň «Kerwen» atly iň soňky kitabyny görüp, ony höwes bilen elimie aldym. Bu bolsa Mämmet aga baradaky pikirlerimiň körügini üfläp, olary täzeden alawlandyrdy.

Mekdep partasynda okap ýören ýyllarymdan bäri ony ürç edip okap, il-güne meňzemeýän özboluşly, gunt düşen ýaly saldamly setirleriniň ölemen muşdagydym. 1968-nji ýylyň tomsudy. Men ilkinji gezek redaksiýalaryň, birine öz täze ýazan goşgularymy eltdim. Saglyk-amanlykdan soň edebi işgäriň kürsüsinde oturan mylakatly gelin meniň goşgularymy eline alyp, üns bilen okamaga başlady. Ara salym düşürmänem ol müdir ýigide ýüzlendi:

—Ine, şu bendä Mämmet aganyň «Atsyz goşgularyndan» alnana meňzeýär.

Müdir ýigit edil oturan işinden ünsüni sowup, hälki bendi eline aldy-da, sesli okady:

Dünýä maňa giň görünýär gün-günden,  
Gaýtam özüm bolsam daralýan ýaly.  
Günden nur alýan-da gaýdyp beremok,  
Duýýaryn her demde soralýan ýaly.

Soňra ol çynlakaý garaýyş bilen meni boýdan-başa synlady-da, şeýle sowal berdi:

—Bagyşlaň, gelşiksizrägem bolsa, siz şu bendi Mämmet Seýitden-ä alan dälsiňiz?

Sowal meni geňirgendirdi:

—Mämmet Seýitden?

—Hawa, Mämmet agadan.

Garaşylmadyk ýagdaýdan birneme aljyranam bolsam, men şobada özümi dürsedim:

—Ýok, goşgy meniň özümiňki. Ýöne men onuň goşgularyny höwes bilen okaýan.

—Ony okamaýan barmy?

Bu waka mende şahyryň özi bilen duşuşmak, eger jüpüne düşse-hä ýakyndan tanyşmak höwesini oýardy. Beýik Magtymgulynyň:

Ýigidiň hyýaly bolsa serinde,
Çykar bir gün çöküp galmaz garynda —

diýşi ýaly, meniň bu arzuwym aradan üç ýyl geçirip, 1971-nji ýylda hasyl boldy. Şol ýyl Watan öňündäki gulluk borjumy berjaý edip, «Türkmenistan» neşirýatyna işe geldim. Neşirýatyň korrektorlar bölüminiň müdiri Beki Hudaýgulyýew alçak, dilewar adam ekeni. Munuň üstesine-de ol diýseň talap edijidi. Meni synagdan geçirende ol ak kagyzyň ýüzüne «bütin», «bitin» sözlerini ýazdy-da:

—Hany, şularyň yzyna näme ýazyp biljek—diýip, yhlas bilen syrylan takyr kellesine elini ýetirip, ullakan ala gözlerini meniň ýüzüme dikdi. Men ara salym düşürmezden «bütin» sözüniň yzyna «dünýä», «bitin» sözüniň soňunda «çörek» sözlerini ýazyp. oňa tarap uzatdym. Onuň beýleki synaglaryndanam şowly geçdim. Beki aga maňa «Bolýa» diýen terezde

başyny atdy. Soňundanam:

—Gowşak adamlary korrektorlyga işe alsak. Mämmet Seýit ýaly tejribeli redaktorlarymyz, ussat şahyrlarymyz bize näme diýer?— diýip, Mämmet aga uly ynamynyň bardygyny ýaňzytdy. Men şonda Mämmet aganyň neşirýatda işleýändigini bilip galdym. Şahyr barada biperwaý däldigime aňan Beki Hudaýgulyýew:

—Ine, onuň täze goşgulary çykypdyr— diýip, «Edebiýat we sungat» gazetini öňüme süýşürdi. Ünsümi başga tarapa sowman, onuň «Atsyz goşgularyny» bir demde okap çykyp, gazeti Beki aga gaýtaryp berdim:

—Gowy goşgular.

Beki aga göwünjeň ylalaşdy:

—Şahyrlyk Mämmediň zannyna guýlan. Onuň hakyky şahyr ýüregi bar.

Bir zat ýadyna düşen ýaly, birden ol maňa tarap öwrüldi:

—Sen onuň «Durun mukamy» poemasyny okadyňmy?

Bu sowal maňa ussat sazanda Jepbar Hansähedowy ýatlatdy. Mämmet Seýidiň ol barada ýazan liriki poemasy bada-bat ýadyma düşdi:

—Hawa.

Beki aganyň garaýşyndan «Ýeri poemany niçik gördüň?» diýen alamaty aňlap, boş kürsüleriň birine çökdüm- de, poema baradaky pikirlerimi çözläp ugradym:

—Gurşunly kenek ýaly.

Oňa bary düşnükli boldy.

Işiň ahyrynda Beki Hudaýgulyýew ýene meniň

ýanyma geldi:

—Senem şygyýretden habarlymy ýa ?

Men ýygralyk bilen baş atdym. Onuň gara çynydy:

—Onda ertir goşgularyňy getir, arakesmede okap göreli.

Ertesi goşgulary ünsli diňläp Beki aga:

—Men sen we seniň goşgularyň barada Mämmede hökman aýdaryn— diýdi.

---

Aradan birnäçe gün geçipdi. Arakesmeden gelip, ýaňy her kim öz işi bilen gümra bolup başlapdy. Telefon trubkasyny ýerinde goýan Beki aganyň şadyýan sesi beýleki otagdan eşidildi:

Bar, Mämmet Seýit çagyrýar. Täze goşgularynam ýany bilen alyp gelsin—diýdi. Garaşylmadyk habara men alaniçiksi boldum. Meniň düşen ýagdaýymy bolşumdan aňlan Beki aga ýanyma gelip, egnime kakdy:

—Bar, Mämmet diňe bir gowy şahyr däl-de, gowy adamam. Ol ýaşlara mydama-da howandarlyk edýär. Ýeke özüň ýaýdanýan bolsaň Allaberdi bilen gidäý—diýip, Allaberdi Ataberdiýewi hem meniň ýanyma goşdy.

Gepiň gerdişine görä aýtsam, häzir Türkmenistanda tanymal toý beýemçileriniň biri Allaberdi Ataberdiýewem biziň bilen işleýärdi. Biz onuň bilen eýýäm dostlaşmaga-da ýetişipdik. Şol dostluk, şol gatnaşyk onuň bilen şu günlerem dowam edýär. Barýançak ol maňa Mämmet aga bilen tanyşlygy, onuň goşgularyny öz dilinden kän gezek eşidendigini buýsanç bilen gürrüň berdi.

Biziň baran wagtymyz Mämmet aganyň ýeke özi galyň golýazmany öňüne alyp, birgiden goşgudyr hekaýalar bilen gümra bolup otyrdy. Ol bizi gören dessine ýerinden turup, elleşip görüşdi-de, oturmaga ýer görkezdi:

—Geçiň!

Men Mämmet Seýidi ýakyndan ilkinji gezek synladym. Ol orta boýly, süýnmegräk bugdaýreňk ýüzüne çalaja ýellenip duran gabaklary, ösgünräk gaşlary özboluşlylyk berýän çynlakaý garaýyşly, kyrk bäş ýaşlaryndaky adamdy. Inçemik, özboluşly sesi bardy. Onuň edýän ýönekeýje hereketlerem, göwnüme bolmasa, juda ynamlydy. Şonuň üçinem ondan gözümi aýryp bilmän, esli wagt göz astyndan synladym. Mämmet aga okap oturan sahypasyny beýläk agdardy-da, bize habar gatdy:

— Sag-gurgunlykmy? —Ol Allaberdi Ataberdä ýüzlendi:

— Allaberdi, sen-ä öňem tanaýan welin, eşidişime görä bu oglan işe täzeräk gelen bolmaly.

Gürrüň men barada gidýärdi. Men gozganjyrap, jogap gaýtarmaga hyýallandymam we-lin, Allaberdi menden öňürtdi.

—Hawa, bu biziň işe täzeräk gelen korrektorymyz.

Mämmet aga makullady: —Dogry, bu barada Beki az-kem gürrüň berdi.

Ol birsalym meniň hal-ahwalym, maşgala ýagdaýlarym bilen gyzyklanyp, birdenem goşguly meselä geçdi:

—Hany, goşgularyňy getirdiňmi?

—Getirdim. —Men çekinibräk goşgularymy oňa tarap uzatdym-da:

—Okap görüň—diýdim.

—Elbetde, okap göreris. Gowy bolsa, kitaba-da çykararys—diýip, ol «Täze öwüsgin» ady bilen ýaş ýazyjy-şahyrlaryň ýygyndysyny taýýarlaýandygyny aýdyp, ýene-de nazaryny maňa tarap sowdy:

—Ýöne bir zady bek belle, goşgy tanyşlyk bilen çykarylýan däldir. Gursakdan gaýnap çykan setirlere bolsa tanşam, arkada hökman däl. Olar öz ýetmeli menziline ýetip bilýär.

Mämmet Seýit bilen duşuşanyma, söhbetdeş bolanyma meniň depäm gök diredi. Öz içimden Beki aga öwran-öwran minnetdarlyk bildirdim.

Ölüm bir baş haýbat, biderek dowul,
Ýaşasyn dünýäde arzuw bile men.
Ýetse ömrüm şony berjaý etmege.
Tebigatdan özge ömri dilemen,

Arzuw döremedik bolsady başda
Ölümiň gorkuzýan güýji bolmazdy.
Bir gyzyksyz oýna meňzär durmuş-da,
Ömür hem şuň ýaly süýji bolmazdy.

************************************************************

Gije birçene barypdy. Baharyň ortaky aýy—aprel hökmürowanlyk edip, hoştap damjalaryny — dür monjuklaryny asudalyk bile eleýärdi. Äpişgämde dürli nagyşlaryň sudury peýda bolup, az salymda aşaklygyna syrygyp gidýärdi. Kalbymda birhili gozgalaň peýda boldy. Men galama ýapyşdym. Az

salymdan ak kagyzyň ýüzünde şeýleräk setirler
peýda boldy:

Ýapraklardan monjuk üzýär.
Ak damjalar dama-dama.
Özboluşly mukam düzýär.
Ak damjalar dama-dama.

Ter güllerden çekip keşde.
Ülkäm girdi ajap keşbe.
Oglan-gyzy saldy yşga,
Ak damjalar dama-dama,

Asman hyjuwdan dolupdyr,
Alysdan suw äkelipdir.
Çal bulutlar ýukalypdyr
Ak damjalar dama-dama.

Begres geýdi depe-düzüm,
Gül büredi sähra ýüzün.
Çalýar ajap bagtyň sazyn.
Ak damjalar dama-dama.

Men daň ataryna howlugyp, gijäni sabyrsyzlyk bilen geçirdim. Ertesi ir bilenem entek syýasam gurap ýetişmedik goşgymy Mämmet aganyň öňünde goýdum. Goşgyny okadygyça onuň ukusyzlykdan bürüşip duran gaşlary ýazylyp, ýüzi açyldy:
Boljak. Ýöne men bir zady ýatladaýyn. —Ol sözüne dyngy berip, biraz oýa batdy. Men talapkär halypanyň bu dymyşlygynyň anygyna ýetjek bolup, näçe howluksamam, onuň şol dymyp oturşydy.

Birhaýukdan ellerini maňlaýyndan aýryp, maňa
habar gatdy:
—Köpräk tebigat temasyndan ýaz. Sende synçylyk
bar. Käbir ýaş şahyrlar öz ugruny kesgitläp bilmän
kösenýärler.
Hoşlaşyp çykyberenimde, ol meni ýene saklady:
—Aýak çek!
Şobada yzyma öwrülip, onuň ýanynda peýda
boldum. Mämmet aga tahylyndan çykaran çaklaňja
kitabyny maňa uzatdy:
—Al, meniň goşgularymam okap gör.
Men şol gün basymrak iş gününiň tamamlanyp,
garaňkynyň gatlyşaryna howlugýardym. Sebäbi
Mämmet aganyň beren kitabyny basymrak okap
görmek höwesi erkimi elimden alyp, sabyr-
takadymy bütinleý gaçyrypdy. Horazlaryň näçinji
gezek gygyrýanyn-a bilemok welin, meniň çyram
entek sönenokdy. Sebäbi Mämmet Seýidowyň
«Meniň hazynam» atly kitabyny elimden goýasym
gelenokdy. Goýar ýalymy? Kalbyňy heýjana salýan
joşgunly setirler senem joşduryp, arzuw atyna
atarýardy. Her goşguda, her setirde şahyryň
arzuwçyl, joşgunly ýüregi «gürsüldäp» urup durdy.
Bu onuň «Wepadar dostum» goşgusynda has-da
aýyl-saýyldy:

Biz ikimiz uzak ýyllar tirkeşdik,
Ýüregmiň soltany nirden doredіň?
Biz ikimiz ençe menzil ýol geçdik.
Men yzyňdan, sen öňümden ýörediň.

Alyp gitdik ýolsuz ýerden südürläp,

Batgalardan, kötellerden geçirdiň.
Kä mahallar süýji şerbet hödürläp,
Käte bolsa ajy gözýaş içirdiň.

Eý, göwnümiň hiç aýrylmaz ýarany.
Kätä degip, meniň üstümden güldüň.
Ýaşlyk menden açdygyça arany.
Garramadyň, gaýta barha ýigdeldiň.

Böwet boldy bize ne derýa, ne suw,
Söýdüm seni ýüregimden janymdan.
Eý wepadar dostum—eý şirin Arzuw.
Şunça ýyllap aýrylmadyň ýanymdan.

Şahyryň goşgularynda Arzuw, Ykbal, Ömür, Söýgi... umuman, adamzat ömrüniň ähli meseleleri eriş-argaç bolup geçip, bir akyma, bir joşgunda akaba birigip, lummurdap akýardy. Aradan näçe ýyllar geçse-de, şol alan goşgym—«Adamyň ömri» meniňem ýoldaşym bolup menziller aşyp gelýär.

Körpe çaga... Ýigit çykdy ol ine,
Kakasy dek guşap bu gün bilin.
Säher bilen alyp çykdy eline,
Kakasynyň poslap ýatan pilini.

Edil iki bölen ýaly almany,
Tüýs kakasy, otdan, suwdan, gaýdanok.
Söweş güni gurban bolan pälwany
Bu gün oba direlmändir öýdenok.

Durmuşyň gämisi urup küregin,

Gitdigiçe öňe dyzap barýandyr.
Ogly dowam eder ata ýüregin,
Adam ömri şeýdip uzap barýandyr.

Dünýäniň gadymdan gelýän ýodasy,
Ýene asyrlara siňer-de gider.
Tebigatyň şu ajaýyp kadasy,
Dostlar, menem uzaklara äkider.

Hawa, ol uzaklara gitjegine tüýs ýürekden ynanypdyr.

---

1975-nji ýyly hiç wagt unutman. Men-ä eýýäm Magtymguly adyndaky (şol wagt M. Gorkiý adyndaky) Türkmen döwlet uniwersitetiniň üçünji kursunyň talybydym. Uniwersitetiň aktlar zalynda şahyr Mämmet Seýidowyň elli ýyllyk ýubileý dabarsyna bagyşlanan agşam geçirildi. Aktlar zaly poeziýa muşdaklaryndan doludy. Olaryň arasynda Kerim Gurbannepesow, Gurbannazar Ezizow, Halyl Kulyýew, Italmaz Nuryýew… ýaly belli şahyrlaram bardy. Agaşamy Kerim şahyr alyp bardy. Söz sungatyna gadyr goýýan adamlaryň arasynda Mämmet aganyň sarpasynyň bellentdigigne, hormatynyň uludygyna ýene-de bir mertebe göz ýetiripdim. Şonda Kerim şahyryň okan «Garrap barýas, Mämmet dost» atly goşgusy entek-enteklerem gulagymda ýaňlanyp dur.
Ýatlamalar, ýatlamalar... Oý-pikirleriň ýumagyny näçe çöşledigiňçe olar seniň hakydaňa dolup, bile oýlanyp, bile ýaşamagyny dowam etdirýär.

Aramyzdan birçak gidenem bolsa, Mämmet aganyň adamlaryň arasynda galdyryp giden edebi mirasy, dost-ýarlarynyň, poeziýa muşdaklaryň kalbyna baky ornaşan belent adamkärçiligi, talapkärçiligi, dosta wepalylygy, onuň Alyhezretleri gudraty güýçli Poeziýa bilen ygrarlylygy barha täze öwüşgin alyp, älemgoşar ýaly geň-enaýy lowurdap dur. Öz halkyna, ata Watanyna. ene topragyna tagzym kylmagyň, hyzmat etmegiň ajaýyp nusgasyny görkezen şeýle adamyňam öz döwründe ol diýen gadyry bilinmedi diýsek hakykatdan daş düşdügimiz bolmasa gerek.

...Ol gün onuň gaşlary öňküsindenem çytylyp, ýüz-gözleri gamaşyp durdy. Gürlände-de sesi kineli eşidildi:

—Bu döwürde suw getiren bilen küýze döweniň horazy deň gygyrýar.

Bu sözleriň manysyny aňşyryp bilmän, eginlerimi gysdym. Ýöne onuň bir zada çyny bilen gatyrganýanlygyny welin dessine aňladym. Onuň şol wagtky gamaşyk keşbi uzak wagtlap göz öňümden gitmedi.

Bir günem Mämmet aganyň şygyrlarynyň muşdaky, ony ýakyndan tanaýan goňşym, paýtagtyň Kerki köçesiniň 81-nji jaýynyň ýaşaýjysy Amanly Yzçyýew bilen Mämmet agany ýatlaşyp otyrkak men bu meseläni orta atdym:

—Bally goňşy (biz Aman Bally diýip ýüzlenýäris).
Mämmet aganyň bir zatdan-a göwni suw içenok.

Ol dessine düşündi:

—Ýokary kürsüde oturanlaryň birine Mämmet aganyň dogruçyllygy, durmuşy real görkezýän

ganatly setirleri ýaranok. Şonuň üçinem elmydama
onuň ýoluny böwetlejek bolşup ýörler.
Ýöne Günüň öňüni etek bilen ýapyp bolýaýarmy
näme? Onuň özi:
—Gyzyl bolsaň göterenler tapylar—diýip,
aramyzdan baky gitse-de, şahyryň «Meniň
hazynam», «Bäşinji okean», «Durun mukamy»,
«Arzygülüň hiňňildigi» ýaly onlarça kitaplary
il-halkynyň ýüreginden müdimilik ýer aldy.
Asyrlaryň tümlügini böwsüp lowurdap dogan
Garaşsyzlyk Kuýaşy şahyr Mämmet Seýidowyňam
Ykbalyny nurlandyrdy. Oňa türkmeniň ilkinji
Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň Permany
bilen Magtymguly adyndaky Halkara baýragy
berlip, şahyryň ruhy tirsegine galdyryldy.
Şu ýerde onuň «Bilbil» goşgusyny okap duran
nurana keşbi ör-boýuna galyp, hiç kesiňkä
meňzemeýän inçetap sesi gulagyňa eşidilen ýaly
bolup dur:

Bulut gelip öten agşam,
Uzyn gije guýdy ýagşam.
Säher bilen aýdym aýtdy,
Bagymyzda bilbil bagşam.

Güller başy näzli garap,
Tallar bakdy başyn yrap.
Şat bilbile dury çeşme.
Hödürledi gülgün şerap.

Diňledik biz şirin sesin,
Gulaklaryň açdy posun,
Bahar bize alyp geldi

Bagymyzyň çyn eýesin.

Lopurdap dur ganat-peri.
Kim çaýdyka altyn-zeri?
Şygyr okan şahyr ýaly.
Göterdi ol göwünleri.

Guwan bilbil, mekanyňa,
Naz-nygmatly dükanyňa.
Müň garganyň gagyldysy,
Degmez birje mukamyňa.

Bu ýerde bilbiliň obrazynyň üsti bilen şahyr öz kalbyny açýar. «Müň garganyň gagyldysy, degmez birje mukamyňa» diýip, totalitar döwründe göwnüne degip, kalbyndan gaýnap çykýan ganatly setirlerine degerli baha kesmedik ýolbaşçysumaklaryň pyrryldygyna — «gargalaryň gagyldysyna» ol öz goşgusynda ýekeje kesek oklap geçýär. Bu bolsa hakyky Mämmet Seýide mahsus häsiýet.

---

Mämmet aga küşdüň ölemen janköýeri. Onuň merhum žurnalist Nurmuhammet Yzçyýew bilen küşt tagtasynyň başynda geçirýän ahwalatlaryny Nurmuhammediň inisi Amanly Yzçyýew höwes bilen ýatlaýar:

— Men o wagtlar ýaşdym. Ýöne Nurmuhammet bilen Mämmet Seýidiň küşt oýnaýyşlary welin hakydama müdimilik ýazylypdyr.

— Mämmet, ine göçdüm—diýip, Nurmuhammet

gowy göçüm tapanyna begenip, nobatdaky göçümini ederdi. Onuň oýnuna belet Mämmet aga bolsa:

—Sen entek göçeňogammy?-diýip, oňa dessine gaýtawul bererdi.

Bir gezek Mämmet aga Lebap topragynda duşdum. Ol döredijilik komandirowkasynda gezip ýören ekeni. Onuň keýpi kökdi.

—Ine, serkerde Seýdiniň ata çykyp, gylyç syryp goran Lebap topragy. Munuň gudratyny diýsene!

Mämmet aganyň keýpi sazlygyndan çen tutsaň, onuň öz saparyndan göwnüniň bitendigine göz ýetirip boljakdy. Onýança onuň özi dillendi:

—Gel, men saňa lebaply şahyr Almaz Seýitmyradowyň ikije setir goşgusyny okap bereýin.

Tapmak üçin bir ýigidiň göwnüni,
Gumly gyzlar kyrk örüpdir saçyny.

Bu onuň kimiň ýazandygyna seretmezden, şygyr älemindäki şowly tapyndylara tüýs ýüreginden guwanýandygyny aňladýar.

Şahyra Bibi Orazdurdyýewa bilen Mämmet aganyň «Garagum» (öňki «Sowet edebiýaty») žurnalynda işlän döwürlerini ýatlaşdyk. Bibi ol döwri höwes bilen ýadyna düşürdi:

—Onuň ýanyna žurnala çykartmak üçin goşgy elterdik. Haçan barsaňam, onuň ýadadymy-ýaltandymy bolmazdy. Elten goşgularyny dessine eline alardy. Göwnüne ýaranyny alyp, galanlarynam: «Bu sende durubersin» diýip, yzyna gaýtaryp bererdi. Yzyna gaýtarylan goşgular onuň göwni ýetmedikleridi Halap alan goşgularynyň welin ol tarapyny tutardy. Hatda olaryň žurnalyň haýsy sanynda çap ediljegine çenli aýdardy. Onsoň şol sana

sabyrsyzlyk bilen garaşybermelidi.

Hawa, türkmeniň zehinli_ şahyry Mämmet Seýit barada bir makalanyň çäginde gürrüň etmek mümkin däl. Onuň bize galdyryp giden edebi mirasyny ölçeg terezisine goýmak asla başartjak zat däl. Goý, ony şol durdäne setirleriň öz janköýerleriniň ýüreginden aljak orny asyrlaryň dowamynda kesgitlesin ýörsün, kesgitlesin ýörsün.

Mämmet aganyň iň soňky kitaby—ilkinji we soňky proza eseri bolan «Kerwen» barada-da köp söhbetler gurup boljak. Ýöne biz bu haýyrly işi soňky gezeklere galdyryp, ýazgymyzy şahyra bagyşlanan goşgy setirleri bilen jemlemegi makul bildik:

Şygyrlardan çemen bogup.
Terin aldyň, Mämmet Seýit
Gyzyl bolup, göterilip,
Gerim aldyň, Mämmet Seýit.

Öz müşgi bar her çemeniň,
Nurdan doly kalbyň seniň.
Goşgularna Aýyň, Günüň
Nurun aldyň, Mämmet Seýit.

Jeýhun ýaly joşup, gaýnap.
Ömür sürdüň sözler saýlap,
Bu durmuşy güneş saýlap,
Garyn aldyň, Mämmet Seýit.

Köp zatlara ýetdi gözüň,
Aşygdyň dogry sözüň,

Körzehine ýokdy dözüm,

Aryň aldyň, Mämmet Seýit.

Mydam belent boldy seriň,

Ylham çeşmäň—ene ýeriň.

Şahyr bolup ýürekleriň

Törün aldyň, Mämmet Seýit.

Egniňdedi iliň ýüki,

Gadryň biler Türkmen halky.

Bu durmuşdan ömürbaky

Orun aldyň, Mämmet Seýit.

**Ýaban SAPAR şahyr.**

**1996-njy ýylyň 21-nji iýunynda çykan «Mugallymlar**

**gazetiniň» 71-nji sanyndan göçürme.**

**@Durna, agzaň kömegi bilen tapylan maglumat. Sag bol @Durna agza.**

Vk.com/Oka_Owren_Doret